# Oýnuñ içindäki oýunlar!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Oýnuñ içindäki oýunlar! OÝNUÑ IÇINDÄKI OÝUNLAR

Ikinji jahan urşunda nemes faşistleri sekiz million jöhidi oka düzüp, peçlerde wagşylarça ýakyp, rehimsizlik bilen ýok etdi. Ukrainanyñ Prezidenti Wladimir Zelenskiý hem bu ýurduñ Kriwoý Rog şäherinde doglan jöhit. Onuñ atasy faşistlere garşy urşupdy we atasynyñ üç erkek dogany faşistik konslagerlerde öldürilipdi.
Russiýanyñ Prezidenti Putinem, Daşary işler ministri Lawrowam Ukraina okkupasiýasy başlan badyna «burnumyzyñ aşagyndaky neonasistleri arassalaýarys» diýipdi.
Ukrainanyñ döwlet ýolbaşçysy Zelenskiniñ aslynyñ jöhit bolup çykmagy hemmeleri haýrana goýdy. Türk habar beriş serişdeleri bilen birlikde dünýä metbugatynda bu pikir gülkünç hasaplandy. Hemmeler «Ýewreý prezidenti bolan ýurt nädip neonasist bolup bilýär» diýip, Orsyýete agzyndan geleni diýdi.
Angliýanyñ döwlet habar beriş serişdesi BBC-den düýn täsin analiz geldi. BBC Kiýewde «pyrtykal rewolýusiýa» bilen günbatarçy häkimiýetiñ gurulmagyny üpjün edenleriñ, köçe hadysalaryny gurnanlaryñ, nasistler bilen hyzmatdaşlyk eden Ukrainanyñ Milletçi bandasynyñ lideri Stepan Banderanyñ mirasyna eýe çykan «Свобода» partiýasy «Sag sektor», «Azow batalýony», «S-14» ýaly nasistik toparlarynyñ bardygyny öñe sürdi.
«Pyrtykal rewolýusiýa» häzirki bolup geçýän uruşyñ körükleýjisidi.
Şol wagtky döwlet ýolbaşçysy Russiýanyñ tarapyndady. Moskwa bilen hiç hili düşünişmezlik ýokdy.
On müñlerçe adam jöhit işewüri Sorosyj guramalara ýagdyran pulunyñ hasabyna Azatlyk meýdanyna üýşýärdi, polisiýa we harby gullukçylar bilen çaknyşýardy, ölýänlerij hetdi-hasaby ýokdy.
Prezident Ýanukowiç Orsyýete gaçansoñ, häkimiýeti günbatarçy ýolbaşçylar ele aldy. BBC öwrülişikde uly hyzmaty bolan bu

nasistik toparlaryñ syýasat we howpsuzlyk saýawany astynda çaksyz täsire ýetendigini ýazýardy. Rewolýusiýadan soñ premýer-ministriñ kömekçisinden başlap, Goranmak ministrine çenli häkimiýetde we býurokratiýada nasist tarapdarlygyny edýän «Свобода» partiýasyna wezipe paýlanandygyny aýdýardy.
Meselem, rus tarapdary hökümetiñ agdarylmagynda in uly roly oýnanlardan «Sag sektor» atly toparyñ baýdagynda-da gamaly haçyñ bardygyna ünsi çekilýärdi. Bu gurama 1943-nji ýylda 600 polşalynyñ öldürilen «Яновая Долина» nasist gyrgynçylygyny telbeler mysaly baýram edip bellejek derejede faşistleşipdi. Odessada bir futbol duşuşygyndan soñ ýüze çykan hadysalarda sindikatyñ binasyna sygynan 48 sany rusy ýakyp öldürenem şu ukrain nasistik guramanyñ agzalarydy. Şol eýmenç günde «Şeýtanlar jähennemde ýanmaly. Futbol janköýerleri günäkärleriñ hakyndan çykýar. Berekella!» diýip bilen ukrain deputatlary-da bardy.
Geñ ýeri, ikinji jahan urşunda ruslara garşy nemes faşistleriniñ hatarynda eline ýarag alyp çykanlara-da soñky döwürlerde Ukrainada «Gahryman» ady dakylýardy.
BBC-de hadysalar we Ukrainadaky nasistik toparlaryñ beýgelişi baradaky täsin maglumatlar bilen bir hatarda birnäçe adamyñ atlary-da howada gaýyşýardy. Emma hemmeleriñ depe saçyny düýrükdirjek iñ täsin maglumata ynanar ýaly däldi. Berk duruñ…
Edil yazylyşy ýaly berýärin:
«Baýdagynda gamaly haç bolan nasistik guramasy «Sag sektor»-yñ lideri Dmitriý Ýaroşa hormat nyşany bilen birlikde Goranmak ministrliginiñ Baş ştabynyñ başlygynyñ orunbasary wezipesini berenem jöhit Zelenskidi.»
Jöhit Soros bilen başlanan günbatarçy rewolýusiýa jöhit Zelenskiniñ ýolbaşçylygynda Orsyýete garşy urşa iterilýärkä, Goranmak ministrliginiñ Baş ştabynyñ başlygynyñ orunbasary wezipesine nasistik guramanyñ ýolbaşçysyny jöhit prezident belleýärdi…
Bu zatlaryñ barsynyñ näme many añladýandygyna düşünýänçäk uruş gutarsa gerek. Oýun çak edişimizden has uly.
ABŞ bilen Russiýa depişýär, arasynda Kremle altyn pyýalada meýilnamalaýyn hödürlenen Ukraina ezilýär. ABŞ-nyñ

«Blackwater» ýörite harby şereketi we Fransiýa ukrain topragyna hakynatutma esgerleri ýagdyrmaga başlady. Uruş näçe uzaga çekse, bähbidi barlar tegelek stolyñ başynda şonça köp üstünlik gazanjak. Dünýäde konflikt döredenler ýapyk gapylaryj añyrsynda ylalaşyga gelip, täze dünýä gurýarlar. Kimleriñ nähili söz eýesi boljagy kesgitlenýär. Düýn ABŞ-ly bir dostum bilen jañlaşdym. Ol «ylalaşmak üçin ilki meýilnamalaýyn görnüşde konflikt çykarmaly, soñ tegelek stoluñ başynda kartalary we güýç paýlanşygyny kesgitlemeli» diýip güldi. ABŞ-nyñ we Russiýanyñ uruşdan soñ täze düzgüniñ ylalaşygyna geljekdigini aýtdy. Geñ galdym. «Diýseñ köp uçly çemeleşme dälmi bu?» diýip soradym. Ýene güldi. «Gadyrdan Hazar, bähbitler üçin ilki biri ulanylýar, soñam üýtgelýär. Size añlajak mysalyñyzdan bereýin. ABŞ-da haçanda mejlisde ermeni kanunyny kabul etmek meselesi orta atylsa, siziñ düşünişýän jöhit deputatyñyz Tom Lantos münbere çykyp birnäçe sagatlap mejlisi güýmeýär we kanunyñ kabul edilmeginiñ öñüni alýar. Haçanda «One Minute» diýen günüñiziñ ertesi gün ermeni kanunyny kabul etme meselesini orta atyp, kabul edilmegini gazananam ýene şol adam boldy. Waşingtonda oýun diñe bähbitlere görä gurulýar. Asla ebedi duşman ýokdur» diýdi.
Hany, oýlanyñ bakaly! Täze düzgüne taýýarlanmagymyz gerekkä, biziñ dünýäden bihabar oppozisiýamyz we ittihatçy kellelerimizem bizi öñki Türkiýä dolap getirmek üçin özüni gynaýar. Iñ gynançly tarapy-da şu!

Bekir HAZAR.

«TAKVİM» gazeti, 04.03.2022 ý. Publisistika